# «Eurovision»-da birinjiligi almagyñ ylmy formulasy

Category: Aýdym-saz sungaty,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
"Eurovision"-da birinjiligi almagyñ ylmy formulasy
«EUROVISION»-da BIRINJILIGI ALMAGYÑ YLMY FORMULASY




*«Şowly «Eurovision» aýdymlar bolanda bu düzgün hökman ýöreýär».*
*Lorin şu ýylky ýaryşda «Tattoo» aýdymy bilen öñdeligi eýeledi. (AFP)*
Şu ýyl 67-nji gezek geçirilen «Eurovision» aýdym bäsleşiginiñ ýeñijisi şwesiýaly aýdymçy Lorin boldy, aýdymçynyñ bäsleşikde ikinji gezek üstün çykmagy-da gyzgyn seslenme döretdi.
39 ýaşly aýdymçy mundan öñem 2012-nji ýylda bäsleşigiñ ýeñijisi bolupdy. Lorin şu ýylky üstünligi bilen segseninji ýyllaryñ meşhur aýdymçysy Jonni Logandan soñ baýragy iki gezek alan ikinji aýdymçy boldy.
Beýleki bir ýandan bu ýagdaý Loriniñ we Loganyñ üstünliginiñ syry hakdaky jedelleri-de möwjetdi.
Käbir kişiler bäsleşigiñ aslynda syýasy sebäplere görä şekillenýändigini öñe sürse, käbirleriniñ pikiriçe «Eurovision»-da birinji bolmagyñ formulasy bar.
Birleşen Korollykdaky Winçester uniwersiteti Gumanitar we Sosial ylymlar fakultetiniñ dekanynyñ kömekçisi Glenn Fosbreý hem şeýle pikir edýänleriñ biri.
Fosbreý «The Conversation»-da ýazan makalasynda bäsleşikde

tapawutlanan aýdymlaryň belli bir şablona eýerýändigine ünsi çekdi.

«Kyrkynjy ýyllaryň ahyrlarynda filosof Teodor Adorno populýar aýdym-sazyň galyplaşyp barýandygyny öňe sürdi. Ol her aýdymyň birmeňzeş uzynlykda, birmeňzeş gurluşa eýedigini we birmeňzeş liriki duýgulary beýan edýändigini nygtapdy» diýen alym, aýdymçynyň bu düzgüni ýer bilen ýegsan edendigininiň daşynda Adornonyň sözleriniň şindizem janynyň bardygyny aýdýar: «Eurovision»-yň şowly aýdymlaryna gezek gelende bu düzgün hasam berk ýöreýär.




- **Ýaryşyň repertuaryna hödürlenýän aýdymlar birmeňzeş uzynlykda we birmeňzeş temalarda**

Fosbreý birinji nobatda aýdymlaryň maksimum müddetiniň üç minutdygyny ýatlatdy.

«Eurovision» aýdymlary hakykatdanam birmeňzeş uzynlykda» diýen alym, «Ýöne ýaryşda üstün çykan aýdymlaryň arasynda belläp geçmeli tematiki we gurluş taýdan meňzeşliklerem bar» diýip sözüniň üstüni ýetirdi. Onuň aýtmagyna görä, soňky üstün çykan 20 aýdymdan 17-si iňlis dilinde aýdylypdyr. Şeýle-de aýdymlaryň 17-si özara gatnaşyklar hakda bolup, 13-inde «söýgi» sözi geçýän eken. 18-inde iň bolmanda bir gezek göni ýüzlenme («menden saňa») bar. Şeýle-de we 20 aýdymyň ählisinde gaýtalanýan gaýtalamalar bar. Alymyň pikiriçe soňky ýagdaýy «kemçilik hasaplap bolmaz».




**• Tomaşaçy aýdyma şobada alyşmaly**

Fosbreý «Jemleýji sahna göni tomaşa edip oturanlar aýdymy bary-ýogy bir gezek diňläp bilýär, şonuň üçinem ses berlişikde aýdymy ýada salyp bilmeleri üçin oňa şobada alyşmaly bolýar» diýýär.
Psiholog Daniel Lewitiniň sözlerine salgylanan alym «bir aýdymy ýatda galdyrmagyň esasy şertlerinden ikisiniň kapyýalardyr klişelerdigini» nygtaýar.
«Eurovision»-da üstünlik gazanmak üçin birinji agyzdan aýdym aýdyň Aýdym bir gatnaşyk hakda bolup biler. Aýdymy iňlis dilinde ýerine ýetirmeli. Bir topar klişe ulanmaly we gaýtalamagy gaýtalaýandygyňyzy anyk bilmeli.

# The Independent, The Conversation, Eurovision World

Çagla ÜREN.

Sişenbe, 16.05.2023 ý. Aýdym-saz sungaty